# Prigožin… Ölüme alyp baran gaýrat

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Prigožin… Ölüme alyp baran gaýrat PRIGOŽIN… ÖLÜME ALYP BARAN GAÝRAT




*Indi hekaýanyñ soñuna geldik. Mundan beýläk uzak wagtlap başga Prigožine gözümiz düşmez*
«Wagneriñ» başlygy Ýewgeniý Prigožiniñ orta çykyp, Russiýada hiç kimsäñ oý-pikirine gelmejek ähli gadagançylyklary, hamana, hasaba çekilmekden azat edilen ýaly depgilän wagtynda Russiýanyñ döwlet ýolbaşçysy Wladimir Putiniñ nämüçin sesini çykarman oturandygyny indi bildik.
«Wagneriñ» başlygy harby ulgamy we serkerdeleri dowamly nyşanalap, olary «gorkaklykda we haýynlykda» aýyplap, esgerlerden serkerdelerine garşy baş galdyrmagy isläp, harby edaralaryñ we serkerdeleriñ at-abraýyna erbet zyýan ýetirdi.
Ol urşujylarynyñ jesetlerini görende däliräýjek bolýardy we has köp ýarag berilmegini talap edýärdi.
Ukrain batgasynda çarp urup ýörkä, dünýäniñ iñ güýçli ikinji goşunyny gödek dili bilen iñ erbet döwründe tankyt okuna tutýardy.
Prigožiniñ Putiniñ ünsüni onuñ ýanyndaky adamlarynyñ goýberýän ýalñyşlyklaryna çekmek ýa-da onuñ hasam köp gözüne ilip, köşgüñ koridorlaryndaky meşhur basdaşlyk oýnunda has köp ygtyýarlyk gazanmak isleýändir öýdülýärdi.

Emma ýalňyşan ekenik. Has soňra Prigožiniň çakdanaşa edermenligi Putine «Moskwanyň gojasy» we hiç zat bilmeýän «bagtly ata» hökmünde baha berdirip, öte geçenini özem bilmän galdy.
Yzyndan adamlary bilen döwlet agdarlyşygyna synanşyp, Moskwanyň 200 km golaýynda togtadylýança on sagada çeken täsin hüjümiň başyny başlap, gödek ýalňyşlyk goýberdi.
Agdarlyşygyň öňden meýilleşdirilen komplimasiýadygyny we Prigožin bilen Kremliň arasyndaky goşun serkerdelerini kyn ýagdaýa düşürmek üçin dildüwşükdigini ýa-da Prigožini çetleşdirmek ýa-da içerde gözegçiligi berkitmek üçin iň gowy çykalgadygyny aýdanlar uçar heläkçiliginiň yzyndan beriljek jogaby indi bilýändirler.




Muny ýörite gurnalan oýun hasaplamak kyn, çünki onuñ berjek zyýany her dürli syýasy oýundan has uly bolýar.
Bu ýagdaý hemme zatdan öñ Russiýanyñ prezidenti Putiniñ at-abraýyna zeper ýetirdi, onuñ häkimiýetiñ üstündäki agalygyny gowşatdy, şeýle-de türmelerde oturanlaryñ arasyndan saýlanyp alynan hakynatutma esgerlere aýdanyny etdirip bilmedik goşunyñ abraýyny pese düşürdi.
Aslynda munuñ özi beter öte geçen, gyzyl çyzyga ýetende nirede durmalydygyny bilmeýän we belki-de, güýçleriniñ birnäçe aýlap dowam eden çaknyşyklaryndan soñ Bahmutda gazanan strategiki ýeñşiniñ özüne eldegirmesizlik gazandyrandygyna ynanan

Prigožiniñ başga bir samsyklaç hereketidi.
Prigožin Putiniñ «Onuñ bu hereketi dönüklikdir, halkyñ we ýurduñ böwründen sünjülen pyçakdyr» diýen meşhur nutugyny sözlände-de oña jogap gaýtarmakdan çekinmän, «prezident ýalñyşdy» diýipdi.
Prigožine sessiz galynmagy we oña tolerans görkezilmegi, eger Putiniñ özi islese-de amatly çykalga däldi. Çünki Prigožiniñ garşysynda dymmak – režimiñ güýjüniñ möhüm şerti bolup, her näme bolanda-da, hiç kimsäñ garşy gidip bilmejek bitewi güýje zarba urmagyñ ýany bilen, başgalaryny-da onuñ yzyndan ýöremäge, belki-de ondanam köpüsini etmäge ýüreklendirerdi.
Dünýä az salymlygam bolsa Russiýanyñ elenendigini we onuñ güýjüniñ, strukturalarynyñ durnuklylygynyñ göýä ýeñiş gazanan ýaly kömekçileri bilen el gysyşan öñki aşpeziñ tussag astyna alynmazdan didiwana mündürilendigi we agdarmaga synanyşan gowşak režiminiñ galp ýüzüniñ bardygyny gördi.
Indi hekaýanyñ soñuna geldik. Ot alan uçaryñ asmandan kelemenläp gaýdyp, zerzaw bolan we burugsap ýanýan epizodlary bolsa geçen aýlarda bölümlerine tomaşa eden gyzykly serialymyzyñ tomaşaçylary üçin mantykly jemleme boldy. Mundan beýläk uzak wagtlap başga Prigožine gözümiz düşmez.




Memduh MUHEÝNI,
«Al Arabiya» telekanalynyñ başlygy.
Şenbe, 26.08.2023 ý. Publisisistika